# Günäden saklan!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Günäden saklan! GÜNÄDEN SAKLAN!



Hak ýaradan bolsa, kast etme jana,
Şeýtana uýmagyn, günäden saklan!
Haram baýlyk ýokmaz, töhmet günädir,
Zulum etmek ýaman, günäden saklan!
Awy gatma aşa, para almagyl,
Garasöýmez bolma, etme galmagal,

Ýürek bulamagyl, gybat etmegil,
Iniň hapa gezme, günäden saklan!

Pañ-paň edip, çişme, döşüne kakma,
Pula gyzyp, palçy bolma, iç ýakma,
Pully oýunlara aşa gyzykma,
Adamy gynamak – jenaýat, saklan!

Eliñ egri bolsa, ýalan sözlärsiñ,
Haram iýseň, arak-şerap gözlärsiñ,
Adam satsañ, ýumak ujun çözlärsiñ,
Ylymdan gaçmagyn, günäden saklan!

Ýetimiñ-ýesiriñ hakyny iýme,
Ýeñil çekip, dowzah oduna köýme,
Okap başlan bolsañ, namazyñ goýma,
Doýansoñ sygnama, günäden saklan!

Janly-jandarlary ýakma, günädir,
Zenanlara gyýa bakma, günüdir,
Gurban hajy, günäñ bukma, günädir,
Diñe sogap iş et, günäden saklan!

Ilmyrat PUDAKOW. Goşgular